# Aý dolanda görünýän geňsi jandar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aý dolanda görünýän geňsi jandar

AÝ DOLANDA GÖRÜNÝÄN GEŇSI JANDAR

Filippinleriň Sibale adasynda eldeki haýwanlaryň nämälim şekilde öldürilmegi ýerli halkda gorky döretdi. Ýaşaýjylaryň aýtmagyna görä käbir "jandarlar" Aý dolmaga birnäçe gün galanda orta çykyp geçileri parçalap gidýär. Filippinleriň merkezi sebitlerinde ýerleşen daglyk Sibale adasynda 4.500-e golaý adam ýaşaýar we gury ýerden ada barjak bolsaň iki sagada golaý ýol ýöremeli.
"Manila Standard" gazetiniň ýerli ýaşaýjylaryň gözi bilen görüp beren gürrüňlerine esaslanyp berýän habaryna görä, geçen bir aýda jemi on alty geçi parçalanypdyr. Munisipialetiň başlygy Lemuel Kipriano hem 2012-nji ýyldan bäri Aý dolan wagtlarynda öldürilen geçileriň 211-e ýetendigini aýdyp, yzygiderli bolýan bu näbelli wakalaryň ýerli halkda gorky-howsala döredendigini belledi.
Öý haýwanlarynyň "ýüregini, bagryny parçalap we ganlaryny sorup" öldürýäniň kimdigini belli bolmansoň, gorkunç kinofilmleri ýatladýan myş-myşlar adanyň her ýerini gurşap aldy.
Käbir daýhanlar gan öýen gözleri bilen geçilere hüjüm edýän jandaryň äpet gara ite meňzeşdigini aýdýar, käbirleri bolsa onuň "adam-möjek" ýa-da "it görnüşli wampir" bolaýmagynyň ahmaldygyny orta atýar.
Geçileri parçalap läşini meýdana serip gidýän jandarlar köplenç gije ýarymdan agansoň orta çykýar. Ýaşaýjylar geçileriň soňuna çykyp bolandan soň bu jandaryň çagalara hüjüm etmeginden gorkýar.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar